# Akmaklaşdyrma oýny

Category: Kitapcy,Psihologiýa,Sport we turizm
написано kitapcy | 26 января, 2025
Akmaklaşdyrma oýny AKMAKLAŞDYRMA OÝNY




Ilki berjek sowallarym bar:
Awtoritarlyk diñe häkimiýet başynda oturanlaryñ ulanýan basyş guralymy? Awtoritarlyk diñe Erdoganyñ dolandyryş ýaragymy? Awtoritar režim bilen dolandyrylýan halklar wagtyñ geçmegi bilen bu syýast sistemadan nähili täsirlenýär?
Awtoritarlyk demokratik gurluşda, jemgyýetçilik durmuşynda nämeleri öwür-çöwür edýär: Takatsyzlyk? Gödeklik? Agressiýa? Gapma-garşylyk? Duşmançylyk?
Kemter, birtaraply, egoist, öýkünjeñ nesilleri şeýdip «dünýä inderýärler!»
Awtoritarlaşan jemgyýetlerde gury sanyñ mukaddesleşdirýän basdaşlygy jemgyýetiñ üstünde höküm sürýär.
Muña laýyklykda hemme zat şowsuz. Galyberse-de, «üstünligiñ» wagtlaýyndygynyñ, döwürleýindiginiñ mälimdigine garamazdan bilgeşleýin götergilenýär! Muña bir pursatlyk şady-horram

bolmagyň hökmürowanlygy diýilýär… Muňa gury sanlaryň, boş statistiki görkezijileriň diktaturasy diýilýär…
«Güýçli bolmak üçin üstün çykmak hökmany şert» garaýşynyň oňlanmagy, düşünje we ruhy taýdan çuň ýaralara getiren awtoritar režimleriň netijesidir: Üstün çykyp bilmediňmi, onda sen hiç kim!
Muňa hoşgylawsyzlygyň, empatiýadan binesipligiň hökmürowanlygy diýilýär…
Gürrüň diňw AKP-de ýa Erdoganda däl…
Awtoritarlygy diňe şular edenok.
Köpimiziň aýnanyň öňüne geçip, özümize seretmegiň gerekdigi üçin ýazýaryn: awtoritarlaşmagyň netijesi hemmämizi «sanlara kowalaşýan üstünlik keseline» ýolukdyrdy!
Gürrüňimi şuňa baglamak isleýärin:
* * *

Olimpiýa oýunlaryndaky «şowsuzlyk» barada ýazmadyk galmady! Yzygiderli diýen ýaly ýurtlaryň alan medallarynyň sanawy çap edilýär, «näme üçin altyn medal alan bolmady?» diýip nägilelik bildirilýär…
Bu hasap sorama ahwaly Olimpiýa oýunlarynyň ikinji hepdesinden bäri başlandy. Ýaş sportsmenlerimiziň üstünde munuň agyr basyş emele getirýändigini çaklamak kyn däl. Ýogsam bolmasa, bu çagalar birkemsiz taýýarlykly çagalar, olar halkara ýaryşlarda **üstünlikli çykyş edendikleri üçin** Olimpiýa oýunlaryna gatnaşmaga hukuk gazandylar. Mysal üçin, eý görülýän milli futbol ýygyndysy ýa-da erkek milli woleýbol ýygyndysy, basketbol ýygyndysy şeýle üstünligi gõrkezip bilmändigi üçin bu abraýly ýaryşa gatnaşyp bilmediler. Sanasaň sanabermeli.
Hawa, Olimpiýa oýunlaryna gatnaşmagyň özi sportsmenler üçin özbaşyna üstünlik. Saýlap alyş oýunlaryndan geçmek aňsat işmi?..
Parižde geçirilen Olimpiýa oýunlaryna sportyň 18 ugrundan 101 sportsmen bilen gatnaşdyk. Oýunlarda sportuň 32 ugrunda we 48 dissiplinasa 329 ýaryşa gatnaşyldy. ABŞ-nyň alan medallarynyň aany biziň oýunlara gatnaşan sportsmenlerimiziň sanyndan iki esse köp!
Çekişmä şu ýerlerden başlamak lazym: ýurtdaky sport desgalaryndan, mekdeplerde sport sapaklaryndan, klublaryň

garaýşyndan, üpjünçiliginden, türgenleşiklerden we ş.m. we ş.m.
Bu edil şuña meñzeýär: ýurtda demokratik režim ýok, diñe saýlaw sandygyny ortada goýup, ses sanalmagy «demokratiyadyr» öýdülýär!
Ýaşajyk sportsmenleriñ psihologiýasyny nähili bozýandygymyzy bilenoklarmyka? Haýp. Bu çagalaryñ agyr şertlerde nähili türgenleşýändikleri bilen näçe adam gyzyklanýar.
Hemmetaraplaýyn kämillik şuny talap edýär: Olaryñ Türkiýäniñ adyndan çykyş etmek bilen ýurtda çäksiz tolgunma döretmekleriniñ özi uly üstünlikdir.
Üstünligiñ ölçegine sa:p altyn medal gazanmak bilen baha bermek gury sanlaryñ diktaturazyna ýeñilmekdir!
Gynansak-da, awtoritarlaşmagyñ ýokançlygy wagtyñ geçmegi bilen çakdanaşa ölçeg obsessiýasyna öwrülýär.
Şuny-da goşaýyn: üstünlik gazananlaryñ sanyny artdyrmak, **gury sana kowalaşmak** hakyky **üstünlik gazanmagyñ gymmatyny gaçyrýar!**

* * *

Gury sanlara we statistiki görkezijilere kowalaşýan jemgyýeylerde durmuş standartlaşdyrylýar… Munuñ özi utopiýany, progressiwligi öldürýän konserwatiwleşmedir…
Statistika «mukaddes kitaba» öwrülýär. Görkezijiler näme diýse, şo dogry, şo hakykat! Seretseñizläñ, oppozisiýanyñ esasy ugrunyñ üstünlikli çykyş edip-etmeýändigini kesgitleýän bäş-üç sany anketaçy bar: ýagny partiýanyñ ykdysady-syýasy ugry däl! Ideologiki lýumpenlik şeýde-şeýde beýgeldilýär…
Jemläp aýdanymda:
Awtoritarlaşmagyñ psihologiki roluny-täsirini gözden salmañ. Hawa, ýokanç wirusdyr bu peläket…
Ýaş sportsmenlerimiñ üstüne sürünmegiñizi bes ediñ! Olimpiýa oýunlarynyñ ogryn-dogryn syýasatynyñ gürrüñini ediñ:
Russiýanyñ ýaryşa gatnaşmagyny gadagan edenler Ysraýylyñ ýaryşa gatnaşmagyna nädip rugsat berdi?
Altyn medal almagyñ gürrüñini bir gapdala goýuñ-da, asyl şu pyssy-pyjurlyklara üns beriñ, akmaklaşdyrylmagyñyza ýol

bermäň…

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 14.08.2024 ý. Sport we turizm